# Ýagşy perzent diňe ýagşy ata-enede bolýar

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýagşy perzent diňe ýagşy ata-enede bolýar

ÝAGŞY PERZENT DIŇE ÝAGŞY ENE-ATADA BOLÝAR

Alymlaryň käbiriniň pikirine görä, Günbataryň XX asyr pedagogika ylmynda dört sany pedagog (mugallym) düýpli öwrülişigi amala aşyrypdyrlar. Olar:
Jon Dýui (amerikaly);
Georg Kerşenşteýner (nemes);
Mariýa Montessori (italýan);
Anton Makarenko (rus).
Görkezilenleriň arasyndan Mariýa Montessori öz ýurdunyň taryhynda ilkinji zenan-lukman bolupdyr. Ol ömürboýy diňe çagalaryň terbiýesi, saglygy bilen meşgullanypdyr we özüniň takyk gözegçilik seljermeleriniň esasynda çaganyň köpugurlaýyn, sazlaşykly ösüşini üpjün ediji, üýtgeşik bilim-terbiýe ulgamynyň nazary esaslaryny işläp düzüpdir.
Mariýa Montessori ata-eneler üçin ýörite, özüniň şol bilim-terbiýe ulgamynyň özenini emele getirýän esasy kadalary sargytlar görnüşinde beýan edipdir.
Ol 19 sany sargyt şu aşakdakylardyr:
1. Çagalary, olaryň daşyny gurşaýan hemme zat okadýar (öwredýär, terbiýeleýär);
2. Eger-de çagany ýygy-ýygydan tankytlasaň – ol ýazgarmagy öwrenýär;
3. Eger-de çagany ýygy-ýygydan öwseň – ol baha kesmegi öwrenýär;
4. Eger-de çaga duşmançylykly garaýyşy görkezip dursaň – ol uruşmagy öwrenýär;
5. Eger-de çaga bilen dogruçyl bolsaň – ol adalatly bolmagy öwrenýär;

6. Eger-de çaganyň üstünden köp gülseň – ol ýygra bolmagy öwrenýär;
7. Eger-de çaga özüni howpsuz, goragly duýup ýaşasa – ol ynanmagy öwrenýär;
8. Eger-de çagany ýygy-ýygydan kemsitseň (masgaralasaň) – ol hemişe özüni günäli duýmagy öwrenýär;
9. Eger-de çaganyň hereketlerini ýygy-ýygydan makullasaň – ol özüni sylamagy öwrenýär;
10. Eger-de çaga köplenç eglişikli garasaň – ol sabyrly bolmagy öwrenýär;
11. Eger-de çaga ýygy-ýygydan göwünlik berseň (goldasaň) – ol özüne ynamly garamagy öwrenýär;
12. Eger-de çaga mähribanlyk şertlerinde ýaşasa we özüniň gerekdigini duýsa – ol bu dünýäde söýgi hem ýakynlyk tapmagy öwrenýär;
13. Çaga barada onuň özüniň bar ýerinde-de, ýok ýerinde-de erbet geplemäň;
14. Çagada diňe gowulygy ösdürmekde ünsüňizi jemläň, şonda çagada erbetlige ýer galmaz;
15. Özüňize ýüzlenýän çagany hemişe diňläň we jogap beriň;
16. Ýalňyşan we öz ýalňyşyny şol bada ýa-da biraz soňrak düzedip bilýän çaga hormat goýuň;
17. Nämedir bir zadyň gözlegindäki çaga kömek etmäge we eýýäm agtarýanyny tapan çaganyň gözüne ilmezlige taýýar boluň;
18. Öň özleşdirmedik zadyny özleşdirýän çaga kömek ediň. Oňa ýardam bereniňizde onuň daşyny ol baradaky alada, sabyr-kanagat, çydamlylyk, ümsümlik we mähir bilen gurşaň;
19. Çaga bilen gatnaşyk saklanyňyzda elmydama salyhatly boluň, oňa görelde hökmünde özüňizde bar bolan iň gowy zatlary hödürläň.

Halk arasynda bolsa, çaga terbiýelemek bilen baglylykda şeýle durmuşy paýhas köp agzalýar:
ÇAGAŇYZYŇ GOWY BOLMAGYNY ISLEÝÄN BOLSAŇYZ, GOWY ATA-ENE BOLUŇ!

Internet maglumatlarynyň esasynda taýýarlanyldy.

Pedagogika we edep-terbiýe